# Iki daragt / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iki daragt / hekaýa IKI DARAGT



Şol iki daragtyň tohumyny şemalyň nireden getirendigi bir Hudaýa mälimdi. Günlerde bir gün iki sany daragt tohumyny ganatynyň astyna alyp, çar ýana aýlanlygy şemalyň ýadyndady. Şu ýere ýetende ol tapdan düşüp, tohumlary taşlap gidipdi. Şeýdip, tohumlar topraga düşüpdi. Güýzdi. Ýel öwsüp, ýagyş ýagýardy. Tohumlar biraz topragyň astyna giripdiler. Soň gyş geldi. Tohumlar toprakdyr garyň aşagynda galdylar.
Garlar eräp, topraga siňende, olar bileje şine urup, kem-

kemden ýeriň ýüzüne çykyp başladylar. Ýaz şemaly öwsüp, ýagyş ýagdy. Gün şugla saçdy. Ýaz şemalam, ýagşam, Güneşem mährirlidi. Olar bu kindiwanja şinelere goltgy berýärdiler. Şineler ulaldylar. Nahala öwrüldiler. Iki sany kiçijik nahala.
Daragtlaryň ösýän ýeri şäheriň daşydy. Eger-de bu iki kiçijik nahal sähel ulurak bolaýan bolsadylar, uzakdaky şäher öýlerini görüp bilerdiler.
Bu iki kindiwanja nahal her säher Gün dog-manka, bileje ukudan oýanardy we bileje baş atyp, Güneşe salam bererdi. Şemal öwsende, bileje şemal bilen oýnardylar. Yagyş yagsa, yagyş suwundan bileje ganardylar. Şeýlelik bilen bahar ötdi. Ondan soň jöwzaly tomsam geçip gitdi.Güýz düşende, ähli ösümlikler özüniň şadyýan görnüşli gözel keşbini ýitirdi. Emma güýze beýleki ösümlikleriň keşbinde tomaşa edeýin diýse, olaryň ýanynda özlerinden başga hiç bir ösümlik ýokdy. Şeýlelikde, olar ilkinji güýzüň nyşanasyny biri-biriniň ýüzünde görüp, onuň gelendigine göz ýetirdiler.
Güýz geçip, gyş geldi. Soň ýene bahar boldy. Daragtlar, ot-çöpler, gülleroýandylar. Bu iki nahalam oýandy. Biri-biriniň ýüzüne seredip, ikisem birden güldi. Çünki ikisem biraz ulalandyklaryna düşündi. Güýzdür gyşy azap-güzapsyz arka atandyklaryna ikisi-de şükür etdi.
Bahardy. Ýaz şemaly öwüsýärdi. Ýagyş ýagýardy. Güneş nur saçýardy. Ýaz şemalam, ýagşam, Güneşem mährirlidi. Bu iki nahal bileje ýaz şemaly bilen oýna girişdiler. Bileje ýagyş suwuny içdiler. Bileje Gün nuruna çoýundylar. Bileje ösüp ulaldylar.
Olar günlerini bileje hoş geçirýärdiler. Tomus düşdi. Soň güýzdür gyş aýlanyp, ýene-de bahar geldi. Bu iki nahal indi daragtdy, ýöne kiçijik daragtdy. Olaryň şahadyr ýapraklary bardy. Saýa-da salýardylar. Aralary-da daş däldi. Ýel öwsende, bu kiçijik iki daragty bir ýana egerdi. Daragtlar bileje şahadyr ýapraklaryny ýele berip oýnaýardylar. Gün çykanda, onuň ýyly mährini bileje özüne siňdirerdiler. Ýagyş ýagsa, bileje ýagyş suwundan ganardylar. Güýzüň ýapraklaryny dökmegine-de bilelikde döz gelerdiler. Baharyň şatlygyny-da deň paýlaşardylar. Gün geldigiçe, olar ulalyp, şahalary ýaýbaňlanýardy. Emma bu şadyýan durmuş uzaga çekmedi…
Bir säher bahar şemaly agaçlary her günki ýaly ukudan oýardy. Bu iki daragt-da ukudan oýanyp, Güneşiň mährirli ýylgyryp duran tylla keşbine bileje tomaşa etdiler. Birden geň owaz asmana galdy. Goýy tüsse howany gaplap aldy. Daragtlar goýy gara

tüssäniň derdinden biri-birini görmediler. Ähli ýeri gijelik ýaly, tüm garaňky boldy. Şol wagta çenli daragtlar tüsse diýen zady görmändiler. Tüsselär ýaly, golaý-goltumda kerpiç küreleri ýokdy. Ulaglar tüssesini burugsadyp, geçip gider ýaly, uly ýolam ýokdy. Bir demde dünýä bu iki daragtyň gözüniň öňünde gara reňke boýaldy duruberdi. Şadyýanlyk bulardan daşlaşdy. Şol ýerden geçip barýan ýel bolýan zatlaryň baryny görüp, olara kömege geldi. Ol öwse-öwse gara tüssäni olardan daşlaşdyrdy. Ep-esli wagt geçensoň, daragtlar özlerine gelip görseler, bir uly ýük maşyny olaryň ýanlarynda durdy. Işçiler maşynyň yzyndan goş-golamlarynydyr iş gurallaryny düşürip durdular. Birnäçe pildir külüň we bir bedre eýýäm agaçlaryň ýanynda ýatyrdy. Işçileriň biriniň ýanynda bir halta hekem bardy. Olaryň biri elinde saklap duran ullakan ýüp topuny çöşleýärdi. Bir gyrada uzynly-gysgaly gazyklar biri-biriniň üstüne tertip bilen Agoýlupdy. Bu iki daragt heniz näme bolup geçýändigine düşünmän durkalar, hälki tüsse ýene-de howany büredi. Işçilerdir olaryň bir gyrada ýatan zatlaryny getiren maşyn herekete geldi-de, gözden ýitdi.
Ýene ýel öwüsdi. Işçiler eşiklerini çalşyryp, işe başladylar. Iki-üç adam ýer ölçeýärdi. Bir-iki adam gysga gazyklary ýere kakýardy. Bir adamam gazyklara ýüp baglaýardy. Iki adam ýüpleriň üstüne hek döküp çykdy.
Bu iki daragtyň töweregindäki el degmedik ýalazy meýdan, hek bilen edilen çyzyklardan doldy. Emma daragtlar töwereginde näme bolup geçýändigine henizem düşünmeýärdiler. Gam dumany olaryň kalbyny basypdy.
Bu iki daragtyň arasyndan ak çyzyk geçende, heniz Günem ýaşmandy. Garaňky düşdi. Daragtlar başlaryna düşen agyr derde ulaşyp, ertiriň gorkusy bilen galyberdiler. Aý dogdy. Asman ýagtyldy. Ýel geldi-de, daragtlaryň ýüzündäki gündiziň goýan gerdi-tozanyny syryp süpürdi. Daragtlar gijäni çirim etmän geçirdiler. Olar Aýa ýürek derdini söýlediler. Daň atdy. Gün şol çyzmyk-çyzmyk ýere nur saçdy. Işçiler işe geldiler. Daragtlaryň howsalasy artdy.
Şäher ösýärdi. Şäher etegindäki boş ýerlerde jaýlar gurulýardy. Diwar örülmeli ýerler hek bilen ak çyzyk çyzylyp bellik edilipdi. Işçiler işe başladylar. Ak çyzyklaryň ugruny Goşa daragt gazdylar. Indi öňki ak hekli çyzyklaryň ýerinde ýaby ýadyňa salýan çukurlar peýda boldy. Agaçlar bar zada düşündiler. Ol ýerde jaý gurma kararyna gelnipdir. Iki

daragtyň arasyndan çekilen ak çyzyk bu ýerden diwar çekiljekdigini aňladýardy.
Birnäçe gün geçdi. Ýük maşyny her gün irden gelip, howanyň ýüzüne goýy tüssesini ýaýradýardy. Ol bir gün kerpiç getirdi, ýene birgün hekdirsement. Başga birgün bolsa, demir syhlary alyp geldi.
Işçiler her gün irden gelip, agşama çenli işlärdiler. Gün öýleden agyberende, olar ýadaw hem ysgynsyz halda bu iki daragtyň töwereginde üýşerdiler. Kiçijik saçak ýazyp, ýanlary bilen alyp gelen çörekdir peýnirlerini, şeýle-de üzümlerini onuň üstüne goýardylar-da oturyp iýerdiler. Kämahallar bolsa goşa daragtyň kölegesinde ymyzganardylar ýa-da mesawy gürrüňe başlardylar.
Goşa daragtyň haly teňdi, emma her näme-de bolsa olar ähli zada döz geldiler. Bilediler. Olar bileje şahadyr ýapraklaryny şemalyň ugruna goýberýärdiler. Günüň ýylylygyndan-da bileje lezzet alýardylar.
Gündizler gijä ýazardy. Gijeler öz ornuny gündiziň ýagtysyna bererdi. Şeýlelikde, ak hekli çyzyklaryň ýerinde çukurlar gazyldy. Çukurlaryň ýerinde diwarlar örüldi. Diwarlar çar ýandan beýgelip başlady. Jaýlaryň petikleri kakyldy. Şeýdibem ymykly gurlup gutardy.
Tot-tozandyr tüssäniň derdinden daragtlaryň ýüzleri gara ört bolupdy. Emma biri-birinden aýra düşürilmändiklerine begenýärdiler. Olar gussalaryny bile çekýärdiler. Öz kölegelerinde işçileriň ýadawlykdan saplanýandyklaryna begenýärdiler. Daragtlar kynçylyklara bilelikde döz gelýärdiler. Olar gurluşykçylaryň basymrak işlerini gutaryp, paty-putularyny alyp gitmeklerini-de bilelikde arzuw edýärdi.
Kynçylygy iki bolup paýlaşsaň, ony çekmek ýeňil bolýar. Iki kişi biri-birine hemaýat berende, umyt şöhlesi has parlak bolýar.
Gepiň tümmek ýeri, bir gün gurluşyk işleri gutardy. Emma ol gün eýýäm daragtlar bile däldiler. Iň soňky çekilen diwar bu iki daragtyň arasyndan geçdi. Bu diwar iki jaýy bir-birinden aýyrýan diwardy.
Diwar sowukdy. Mäkäm we berkdi. Bu diwar daragtlary biri-birinden aýra saldy. Daragtlar biri-birinden jyda düşdüler. Ýel öwsende, ozalkylar ýaly, şahadyr ýapraklaryny bileje ýeliň ugruna kowup bilenokdylar. Gün doganda öňküler ýaly, bu iki daragtyň ýapraklaryny bileje çoýmaýardy. Ol indi daragtlaryň

säher biriniň, öýlän beýlekisiniň üstüne şugla saçyp bilýärdi. Jaýlaryň içine eýeleri göçüp gelip ýerleşdi. Öýlerde şatlyk gaýnap joşdy. Öýleriň biriniň eýesi howlusyndaky daragtyň töwereginde kiçijik mellek edindi. Melle-ginde güldür başga ösümlikler ekdi. Onuň goňşusy bolsa howlusyndaky daragtyň ýanynda kiçijik howuz gazdy. Bu kiçijik howzuň enaýyja çüwdürümi-de bardy, içinde bolsa birnäçe gyzyl balyk ýüzer ýörerdi. Öý eýeleriniň ikisi-de öz daragtyna suw tutardy. Düýbüni ýumşadyp idederdi. Emma daragtlar gamgyndylar. Olar boý alyp, ösüp gidibermeýärdiler. Çünki birek-birekden aýra düşüpdiler. Aýralykda olaryň güni gaýgy-gamda geçýärdi. Bir gün olar diwary ýumurmagy karar etdiler weli, bu iş olaryň elinden gelmedi. Olaryň näzik şahalarynda mäkäm diwary ýumurmaga ýeterlik güýç ýokdy.
Günler öňküler ýaly geçip durdy. Bir agşam öý eýeleriniň biri goňşusynyňka oturmaga bardy. Goňşular mesawy söhbet edip, uzak oturdylar. Olar daragtlar hakda-da gürrüň etdiler. Olaryň ikisem daragtlaryň guramazlygyny, basymrak boý alyp, ulalmagyny isleýärdiler. Goňşularyň ikisem daragtlaryň göýdük galmagyndan gorkýardy. Daragtlaram guramajak bolup, jan edýärdi. Emma ýürekleri bile bolmagy küýseýärdi. Gürrüň daragtlaryň ösüşine ýetende, olaryň biriniň kalbyndan gaýgy-gam syrylyp, olaryň ýerine umyt uçgunlary ornaşdy. Onuň kellesine bir pikir gelipdi.
Gije daragtlar uklamadylar. Olaryň hersi diwaryň bir tarapynda durup, ertire çenli söhbet etdiler. Biri-birine gowşup, ýene-de bile bolmagyň pikirini etdiler.
Şol gijeden soň gaýgy-gam daragtlara ýat boldy. Olar diwary aradan aýrar ýaly has güýçli ösmek kararyna gelipdiler. Şol günüň ertesinden başlap, agaçlar köklerini diwaryň aşagyndan geçirip, biri-birine sapdylar. Indi olar ýene şol bir toprakdan iýmitlenýärdiler. Güýzdür gyş heniz öňdedi.
Daragtlar bahary umudy bilen ukladylar. Ýaz gelende, daragtlaryň diwaryň aşagyndan geçiren kökleri bir uly köke öwrüldi. Olar indi toprakdan gowuja iýmitlenip, güýç toplaýardylar. Şeýdip, ola gün-günden ulalýardy. Olar şeýle bir ulaldy welin, şahadyr ýapraklary diwardan-da belende galdy. Olar şahalaryny-da diwaryň ýokarsyndan biri-birine çilşirdiler. Indi daragtlar diwardan belentdi. Kökleri birleşip, şahalary sepleşipdi. Diýmek, ýene-de ozalkylar ýaly biledilер. Daragtlaryň arasyndan geçirilen diwar indi olary

biri-birinden aýryp bilmeýärdi.
Bu gün ol wakadan bäri ençeme ýyl geçipdir. Emma şol iki daragt henizem goşa dur. Ýel öwsende, ýel bilen bileje oýnaýarlar. Gün asmana galanda, bileje Gün nuruna çoýunýarlar. Ýagyş ýagsa, şahadyr ýapraklaryny ýagyş damjalarynyň astynda bileje ýuwýarlar. Topragyň astynda kökleri birleşip, asmanda şahalary bile galgaýar. Olar bilelikde asmana sary boý atyp barýarlar.

**MUSTAFA RAHMANDUST**

*1950-nji ýylda Eýran Yslam Respublikasynyň Hemedan şäherinde dogulýar. Pars edebiýaty boýunça ýokary bilim alýar. Mustafa Rahmandust 61 sany edebi-çeper kitabyň awtorydyr. Olardan okyjylaryň arasynda gyzgyn seslenme döreden neşirler hökmünde ýazyjynyň «Suwly köçeler», «Dostluk süýjüdir» we «Bahardan-da gözel» atly kitaplaryny bellemek bolar. M .Rahmandust diňe bir ýazyjy ýa şahyr bolman, eýsem, terjimeçilik bilen-de meşgullanýar.*
*Ýazyjynyň «Goşa daragt» («Kökler toprak astyndan, şahalar asmandan») atly hekaýasy iň gowy eserleriniň biri hasaplanylýar.*

Pars dilinden terjime eden:
Dörtguly BAÝSÄHEDOW. Hekaýalar